# Alñasaklyk / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Alñasaklyk / hekaýa ALŇASAKLYK

Aşyr aga goltugyndan ala bagjykly jübi sagadyny çykaryp, oňa seretdi: «Aýynja wagty bolaýypdyr» diýen terzde ýerinden turup, çäkmeniniň eteklerini ýazyşdyrdy.
— Inim, şu zatlary ýumuş görmänjik öýe gowşurarsyň-da-diýip, ol kinniwanja sagadyny goltugyna salyp durşuna, ýany bilen getiren ýüküni görkezip aýtdy. — Aý, öýdäkiler sargap iberdiler. Sen bir ulagly kişi, men bulary göternip, basga galyp ýörmäýin. Ýöne ýumuş bilmäweri…
— Aşyr aga, ýumuş bolmaz, asyl-diýip, obadaşy gatyrganan boldy. — Alada etmäň, elinjek gowşuraryn.
Şol bir edýän işini ýene-de edesi gelýän, ony hökman ediläýmeli diýip hasaplaýan, şeýle etmekden hoşal bolýan adamlar bar. Olar göwün islegine hemem hemişelik endigine öwrülip giden bu işi özleri-de bilmän ýene-de edýärler. Aşyr aga-da bazara geldigi, golaýdaky çaýhana hökman baraýmalydy.
Howa salkyndy, ýakymsyz şemal öwüsýärdi. Gögüň ýüzünde soň peýda bolan tüýdüm-tüýdüm çalymtyl bulutlar kowalaşýan ýaly, ugur-utgasyz süýşýärdi. Aşyr aga obadaşynyň sataşanyna, el goşlaryny tabşyranyna ýüki ýeňläp, öz-özünden monça bolup, giň howlusy owadan bassyrmaly çaýhana tarap ugrady. Ol nagyşly gapyny açyp, bosagadan ätländen gowrulýan balygyň ýakymly ysy burnuna urdy. Hemişekileri ýaly, adam kändi, olar rejelenip, bölek-bölek goýlan ýumşak oturgyçlarda topar-topar bolup otyrdylar. Gap-gaçlaryň şakyrdysy, özara gürleşýän adamlaryň gatyşyk sesleri eşidilýärdi. Aşyr aga oturgyçlaryň arasyndan aýlanyp, aşhana tarap ýöneldi.
-Ylaýyk wagtynda geläýdiň, Aşyr aga-diýip, uly eýwana garap duran açyk aýnaň aňyrsynda balyklary kesişdirýän egni ak halatly, orta boýly Hydyr balykçy ýylgyrjaklady. Balyk tutmaga ezberligi üçin däl-de, ony üýtgeşik gowrup bilýänligi üçin bu lakamy alan çaýhanaň eýesiniň işleýşine göz ilmeýärdi. Uly

gazanyň içinde ýag jazyrdaýardy. —-Gylçyksyz balykdyr, üýtgeşikdir bu gün-diýip, ol sözüniň üstüni ýetirdi.
Üç-dört adam nobatyna garaşyp, onuň elleriniň çalasyn hereketini synlap durdy. Ol bolsa altynsow reňk öwüsýänçä, mazaly gowrulan balygy nagyşly mejimä salyp nobatdakylara bir-bir uzadybam, duranlar bilen gürleşibem ýetişýärdi. Onuň bu başagaýlygyny, hem ýetişikliligini gözigidijilik bilen synlaýan hem bu çalasyn hereketlerden lezzet alýan Aşyr aga öz nobatynyň ýetenini-de duýmady. Yssy balykly mejimäni alyp, ol boşlaňyrak ýer gözledi. Topar-topar oturan adamlaryň arasyndan aýlanyp geçdi-de, ahyry orta gürpdäki stoluň ýanynda saklandy. Elidnäkisini goýup, ol ýene-de aşhana tarap ugrady. Onuň ikinji, kiçeňräjik aýnasynyň ýanyna baryp, içeri garanjyraklady.
— Me, gyzym, maňa şu çaýdan atyp demläweri-diýip, ol hemişe öz ýany bilen getirýän guşdyrnak çaýly haltajygyny içerdäki gyza uzatdy.
Aşyr aga demli çäýnegi alyp, öz ornuna tarap ugrady. Eýwanyň içindäki adamlar gelip-gidip duransoň, ol özüniň ýaňky baran ýerini tapman esli aýlandy, öwrüm etdi. Şol gezip ýörşüne oturanlaryň ýüzüne-de seredişdirýärdi. Oturgyçlaram, ak stollaram, ikibir-üçbir oturan adamlaram, balyk salnan nagyşly mejimelerem şeýle bir meňzeş görünýärdi welin, asyl saýgarar ýaly däldi. Ol öz bellän ornuny tapdy-da, ýumşak oturgyja aran göwresini goýberip, çäýnekden çaý guýundy. Balykly mejimäni öňüne çekdi. Balygyň tagamy üýtgeşikdi, Hydyr balykçyň aýdyşyndanam bäş beterdi. Onuň ilkinji bölegini eline alanam şoldy welin, «sen-men» ýok gapdalyna geýnüwli, görmegeý ýaş ýigit gelip çökdi.
— Salamwaleýkim ýaşuly-diýip, ol edil öz garyndaşyny gören ýaly gadyrly salamlaşdy. —-Işdäňiz açyk bolsun.
— Manlykmy inim.
Aşyr aga ýigidiň ýylgyrjaklaýan ýüzüne, daralyşy bozulmadyk şar gara saçyna ýalta seredip, tagamy bilen gümra boldy. Ýigit käsesine çaý guýup, owurtlady, ýene-de ýaşulyň ýüzüne siňe-siňe garanjaklady. «Tanyşlyk açjak bolýamyka?» diýip, garry öz ýanyndan oýlandy. Onuň ýüzi birhili tanyş göründi welin, bu

ýigide nirede sataşandygyny ýaşuly kes-kelläm hakydasyna getirip bilmedi. Ýigidem şeýle pikir derdesere salan ýalydy, ol hem gaýta-gaýta garryň ýüzüne garanjaklaýardy. Ol ýene-de çaýyndan owurtlady.

Ýigidiň çiňňerilip garaýandygyny aňan Aşyr aga özüni gowuşgynsyz duýýardy. Ýigit oturdy-oturdy-da çekinibiräge-de, gorka-gorka diýen ýaly elini uzadyp, bir bölek balyk aldy. Mürehetsiz-zatsyz ýigidiň öz tabagyna el urmasyny gelşiksiz saýsa-da, ýaşuly syr bildirmedi, gaýtam «ikimize-de ýeter» diýen manyda mejimäni orta süýşürdi. Şeýdip olar bir-birine söz gatman, hersi öz oý-pikirine gümra bolup, sessiz-üýnsüz iýýärdiler. «Şu şäherlilerem geň adamlar-aý-diýip Aşyr aga içini gepledýärdi.-Soralanda berilmän durmy-näme. Edil atasyna duşan ýaly, utanaýynam diýenok. Berdi köse ýöne ýere ýanman ekeni, bulardan. Çekinmäni, ýüzüni almany bilmeýär şäherliler diýýädi, ol. Aý, nesibeli oglandyr-da, iýibersin».

Mejimede balygyň soňky bölegi galdy:

– Al, munam iýäý-diýip, Aşyr aga nägileligini bildirmän, ony ýigide tarap süýşürdi.

– Ýok, ýaşuly, iýiberiň -diýip, ýigit elini-agzyny süpürişdirip ýerinden turdy.-Noş bolsun…

Hiç zady serine alman, utanmaga derek ýylgyrjaklaýan ýigidiň beýle bihaýalygyna ýaşuly geň galyp, başyny ýaýkady. Ol soňky bölegi öňüne çekip, iýmäge başlady.

Galan-gaçanlary ýygnaşdyryp, gap-gaçlary alyşdyrýan gyz Aşyr agaň ýanyna gelip aýak çekdi.

– Daýy, ýene çaý demläp bereýinmi?-diýip, ol ýaşula ýüzlendi.

Aşyr aga başyny ýaýkady. Ak öňlükli gyz biraz säginip durdy-da, gapdaldaky stoluň üstündäki balykly tabagy alyp, ony ýaşulyň öňünde goýdy. Aşyr aga onuň ýüzüne çiňňerilip bakdy.

– Daýy, siziň tabagyňyz şü – diýip, gyz onuň üýtgäp giden ýüzüne göni bakmaga ejap edip, aşak garap aýtdy.

– Bi tabak kimiňkidi onda, gyzym – Aşyr aga özüni ýitirip, bioňaý gobsunjyrady.

– Ony başga bir ýigit alypdy.

Aşyr aga bir elindäki soňky kesim balyga birem heniz el degmedik tabaga garap, dili tutulan ýaly zoňk edip ornundan

galdy. Utançdan ýaňa ýüzi lap-lap gyzyp gitdi. Şu mahal hemmeler oňa barmagyny çommaldýan ýaly, gülüp seredýän ýaly bolup göründi. Ol dalda isläp daş-töweregine garanjaklaýardy. «Ony tapmaly» — diýip, pyşyrdady-da, ol daşary atylyp çykdy. Iki ýana ýöreşip barýan adamlaryň içinde welin, oňa gözi düşmedi.

Amanmyrat SAPAROW. Hekaýalar